# Milletiñ a*yna goýmak

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Milletiñ a*yna goýmak MILLETIÑ A*YNA GOÝMAK




Demir ýollar birinji gezek Fransiýada magdan känlerinde ulanyldy. 1550-nji ýyl.
Demir ýollar ýük daşaýjy ulag hökmünde birinji gezek Angliýada ulanyldy. 1630-njy ýyl.
Demir ýollarynda tagta relslerden demir polat reýslere birinji gezek Angliýada geçildi. 1776-njy ýyl.
Soñra lokomotiw oýlanyp tapyldy.
Soñra buguñ güýji oýlanyp tapyldy.
Soñra adam we ýük daşalmaga başlandy. 1825-nji ýyl.
Liwerpul-Mançester demir ýolunyñ açylmagy dünýäde döwrebap demir ýolunyñ başlangyjy hasaplandy. 1830-njy ýyl.
ABŞ 1831-nji ýylda Fransiýa 1832-nji ýylda, Germaniýa-Belgiýa 1835-nji ýylda, Awstriýa 1838-nji ýylda, Italiýa 1839-njy ýylda, Ýewropada iñ soñky bolup Russiýa 1848-nji ýylda ilkinji demir ýoluny gurdy.
Iñlisler ilki Hindistanda, soñ beýleki koloniýalarynda hususy demir ýol kompaniýalaryny gurdy.
1856-njy ýylyñ 23-nji sentýabry. Osmanly ilkinji demir ýol işini başynda Ser Jozef Pakstonyñ we dolandyryş düzüminde G.Waýts, A.W.Rikston, W.Jekson dagylaryñ bolan «Ottoman Railway Company» iñlis şereketine berdi. Angliýaly R.Krampton işi ýetirijidi.
Şol ýyl:
Angliýadyr Fransiýanyñ goldaw beren Osmanlysy bilen Russiýanyñ arasyndaky Krym urşy fewral aýynda gutardy. Kagyz ýüzünde

ýeñiş gazanan ýaly bolup görünse-de, Osmanly uruşdan ummasyz uly zyýan bilen çykdy. Meselem, töleg mümkinçiligi boýunça ummasyz uly bergä batdy…
Şeýle-de şol ýyl:
Soýuzdaşlarynyñ talaby bilen «Islahat» permany jar edilip, ýurt ýarym koloniýa ýagdaýyna düşürildi. Berilen 8%-lik girdeji kepilligi ýaly ýeñillikler arkaly kese ýerli kapitalyñ osmanly topraklaryma aralaşmagy çaltlaşdy (daşary ýurt kapitaly ýerli önümçiligi doly diýen ýaly öldürdi).
Ynha… Egeý sebitiniñ ilki magdan känlerini, soñ girdejili beýleki tebigy baýlyklaryny üýşürip, täzelenen Izmir portuna daşap, daşary çykarmak üçin ilkinji demirýol gurluşygyna başladylar. Dowamy-da geldi… Şol döwür diñe Izmir sebitinde 1061 sany iñlis söwdagäri bardy.
612 km-e ýeten bu demirýol liniýasynyñ ýeñillikli ulanmak möhleti 1950-nji ýylyñ 15-nji oktýabrynda dolmalydy. Atatürk garaşyp durmady.
1935-nji ýylyñ 30-njy maýy. Türk hökümeti demirýol liniýasyny iñlislerden doly satyn alyp, döwlet eýeçiligine geçirdi.
Diñe demirýol-da däl.
Motoryñ ulanyşa girizilmegi bilen Osmanlyda garaýollar 1850-nji ýylda gurulmaga başlandy. Ilkinji 34,5 km-lik ýol Bursa-Mudanýa arasynda guruldy. Dowamy-da geldi…
Bug bilen işledilýän deñiz ýük daşaýjylygynda teplohodlar 1871-nji ýylda ulanyşa girizildi. Munuñ üçin täze portlaryñ gurluşygyna girişildi. Hemmesi-de aýratyn ýeñillikleriñ hasabyna daşary ýurt kompaniýalaryna etdirildi.
Deñizçilik kärhanalary-da daşary ýurtlularyñ elindedi.
Metro, tramwaý liniýalary-da daşary ýurtlulara degişlidi.
Elektrik togunyñ önümçiligi-de, gazhanalar-da daşary ýurtlularyñ eýeçiligindedi.
Kömür ojaklary bilen bir hatarda ähli magdan känlerini daşary ýurtlular işledýärdi. Sink, gurşun, altyn, mis… tapan-tupan zatlaryny çykaryp, ýurtlaryna daşadylar…
Uzatmaýyn…
Osmanlyda kese ýerlileriñ elinde bolan işleri indi biziñ özümiz – türk firmalary ýöredip bilýär.
Birinji demirýolyñ gurlan gününde size şuny ýatlatmak isledim. Çünki:
Soñky ýyllarda milli kapitala garşy duşmançylyk görlüp-eşdilmedik derejä çykdy!

Elbetde, žurnalistler öz işini etmeli, kanun bozulmalary ýazyp, paş edip, prokurorlary aýaga galdyrmaly.
Elbetde, syýasatçylar öz işini etmeli, bolýan eden-etdilikleri, korrupsiýany agzap, mejlisi aýaga galdyrmaly.
Elbetde, halk köpçüligi, jemgyýetçilik nägileligini bildirip, häkimiýetden hasap soramaly.
Emma: Pul merkezli syýasy garaýşyñ işewürler dünýäsinden zol paç talap edýändigini-de ünsden düşürmezlik gerek!
Şol sanda:
Tutaryksyz, subutnamasyz gybat etmek nädogry. Düýnki güne çenli daşary ýurt firmalary we olaryñ komprador aýakçylary uly ýeñillikler bilen demirýol, gara ýol, köpri, howa menzili, metro we ş.m.-leri guranda dyñkyny çykarmadyklar bulary ýerli kapital edip başlady welin, agzyna gelen zady diýýär.
Milli ykdysadyýetimizi paltalamalyñ…
Ýerli kapital ýurduñ baýlygydyr…
Taryhy proseslere dogry düşünilmese, aslynda kimiñ “milletiň a*yna goýandygy” belli bolmaz!
Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 23.09.2022 ý. Publisistika